# Bäsleşige berlen ýumuş.

**“Santehnika işlerini taslama laýyklykda ýerine ýetirmek”**

Bäsleşik ýumuşlary aşakdaky bölümleri özünde jemleýär:

**I.** Giriş.
**II.** Bäsleşige gatnaşmagyň görnüşleri.
**III.** Bäsleşik üçin ýumuş.
**IV.** Ýumuşuň bölümleri we ýerine ýetirmekligiň zerur wagty.
**V.** Bahalaryň kriteriýalary.
**VI.** Zerur goşundylar.

Ýumuşyň ýerine ýetirilmegine berilýän wagt: 4 sagat.

## I.Giriş.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe **“Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar”** ýylynda “Hünär ussatlygy” bäsleşigi öňde baryjy ussat hünärmenleri taýýarlamagyň standartlaryny ýokarlandyrmakdan ybarat bolup durýar. Hünär-tehniki we orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilýän hünär ussatlygynyň bäsleşigi hereketiniň iň möhüm ugurlarynyň biridir. Hünär ussatlygy bäsleşigi boýunça birinji orna mynasyp bolan ýeňijiler ilki:

Berlen bäsleşik ýumuşy iň gowy-ökde ýaş hünärmenleriň döremegine we olaryň ýüze çykarylmagyna itergi hem-de goldaw berýär.

Talyp gurluşyň daşky görnüşini, turbalaryň birikmesiniň sepleriniň birmeňzeşligini, burçlaryň, öwrümleriň dürsligi, ýerine ýetirýän işiň hilini, daş töweregi arassa saklamak ýaly başarnygyny we ussatlygyny özünde jemleýär.

Ýumuş bäsleşigiň talaplaryna degişlilikde anyk we takyk ýerine ýetirmeli.

## II. Bäsleşige gatnaşmagyň görnüşleri.

Ýumuşy özbaşdak ýerine ýetirmek.

## III. Bäsleşik üçin ýumuş.

- Emin agzalar, gurnaýjylar we bäsleşige gatnaşyjylar bäsleşigiň “Ýyladyş we santehnika” hünäri boýunça düzülen düzgünnamasynda görkezilen talaplary doly we dogry berjaý etmeli;
- Işi bellenilen wagtda başlap, bellenilen wagtda tamamlamaly, taýýarlaýyş işleri we tamamlaýyş işleri ähli bäsleşige gatnaşyjylar üçin deň bolmaly;
- Santehniki turbageçirijileriň şekili we ölçegleri tabşyrykda berlen ölçeglere, şekile gabat gelmeli, özbaşdak pikirleriňi gurluşa goşmak bolmaýar;
- Zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk çäreleriniň talaplaryny ýerine ýetirmeli;

- Bölünip berilen çäkden rugsatsyz çykmak bolmaýar;
- Şahsy harajatlar üçin sarp edilen wagt goşmaça goşulmaýar;
- Gurnaýjylar tarapyndan berlen gurallardan başga enjamlary ýa-da esbaplary ulanmak bolmaýar;
- Iş alynyp barylýan wagtynda bäsleşige gatnaşyjy emin agzalardan ýa-da gurnaýjylardan başga adamlara sorag bermek ýa-da maslahat salmak gadagan;
- Bäsleşige gatnaşýanlara öz aralarynda sorag jogap alyşmak bolmaýar;
- Bäsleşige badalga berilenden soňra gatnaşyjy diňe gurnaýjylaryň we emin agzalaryň soraglaryna jogap berýär.
- Gurluşy ir tamamlan gatnaşyja, goşmaça ballar göz öňünde tutulýar.

Bäsleşik ***4 sagat*** dowam edýär.

Gurluşy ýerine ýetirmek üçin gatnaşyja gerek bolan materiallar we enjamlar bilen doly üpjün edilýär. Goşmaça materiallar göz öňüne tutulyp biliner.

Şertde görkezilen desganyň umumy uzynlygy 2000mm, beýikligi 1830mm

**Çyzgyda berlen ölçeglerden üýtgeme şu aşakdaky tertipde rugsat ediler:**

- Uzynlygyna “+”, “-” **40mm.**
- Beýikligine “+”, “-” **40mm.**
- Öwrümlerde “+”, “-” **5 $^{0}$**

  Ýerine ýetirilen gurluşdaky üýtgemeler rugsat edilen ölçeglerden geçse ýa-da ýetmese umumy ballardan bal kemelmegine eltýär.

Çyzgylar şu resminamanyň 1-nji; 2-nji; 3-nji goşundylarda beýan edilýär.

## IV. Ýumuşyň bölümleri we ony ýerine ýetirmek üçin gerekli wagty.

Bölümler we wagty 1-nji tablisada getirilýär.

Tablisa 1

| № | Işleriň atlary | Iş wagty | Ýumuşa berlen wagt |
|---|---|---|---|
| 1 | Ölçegler boýunça diwara berkdijileri oturtmak | 09:00-13:00 | 1 sagat |
| 2 | Turbalaryň ölçeglerini almak we gurnamak | | 1 sagat |
| 3 | Turbalary we krandlary birikdirmek | | 1,5 sagat |
| 4 | Bezeg we arassaçylyk işleri | | 0,5 sagat |
| | **Jemi** | | **4 sagat** |

**1-nji bölüm. Ölçegler boýunça diwara berkdijileri oturtmak.**

Maksimal wagty (1 sagat).

Bäsleşige gatnaşyjy santehniki işleriň aşaky bölegini 1-nji, 2-nji goşunda laýyklykda ýerine ýetirmegi zerurdyr.

- Çyzgylar bilen tanyşmak;
- Gerek esbaplaryň dolylygyny barlamak;
- Gerek möçberdäki turbalary we bekidijileri taýýarlamak;
- Bellenilen meýdançada işe başlamak

**2-nji bölüm. Turbalaryň ölçeglerini almak we gurnamak.**

Maksimal wagt (1 sagat).

Bäsleşige gatnaşyjy gurluşdaky turbageçirijileri 1-nji, 2-nji goşunda laýyklykda ýerine ýetirmegi zerurdyr.

**Bäsleşige gatnaşyjy aşakdakylary ýerine ýetirmeli:**

- Çyzgylara laýyklykda işi dowam etmek.
- Bellenilen ölçeglerde şerti ýerine ýetirmek.

**Işiň hiline, sypatyna, görnüşine bildirilýän talaplar:**

- Tehniki howpsyzlygy berjaý etmek we arassaçylyk gigiýena işini berjaý etmek;
- Tygşytly hem zaýasyz bolmak.

1 sagat geçenden soň, bäsleşige gatnaşyjy baha goýmak üçin taýýar ýa-da taýýar bolmadyk işini tabşyrmaly:

**3- nji bölüm Turbalary we krandlary birikdirmek.**

Maksimal wagt (1,5 sagat).

**Bäsleşige gatnaşyjy aşakdakylary ýerine ýetirmeli:**

- Çyzgylara laýyklykda işi dowam etmek

Bäsleşige gatnaşyjy gurluşdaky turbalary we krandlary birikdirmegi 1-nji, 2-nji goşunda laýyklykda ýerine ýetirmegi zerurdyr.

**4- nji bölüm Bezeg we arassaçylyk işleri.**

Maksimal wagt (0,5 sagat).

- Bezeg hem-de daş töweregi arassalaýyş işleri.

## V. Bahalandyrma derejesi.

Berlen bölümde bahalandyrma kriteriýasy we goýulýan ballaryň (emin agzalaryň) mukdary (tablisa 2-de berilýär).

Ähli derejeler boýunça ýumuş bölümleriniň ballarynyň umumy mukdary 100 baly düzýär.

Tablisa 2

| Bahalar | | | |
|---|---|---|---|
| **№** | **Işleriň atlary** | **Eminleriňki** | **Bellik** |
| 1 | Ölçegler boýunça diwara berkdijileri oturtmak | 20 | |
| 2 | Turbalaryň ölçeglerini almak we gurnamak | 30 | |
| 3 | Turbalary we krandlary birikdirmek | 30 | |
| 4 | Bezeg we arassaçylyk işleri | 20 | |
| | **Jemi** | **100** | |

**Eminleriň bahalary.**

Synçylar eminleriň bahalaryny ulanyp, aşakdaky görkezijileri bahalandyrarlar:

- öwrümleriň we ölçegleriň dürsligi;
- berilen esbaplar bilen işläp bilmeklik;
- birikdirilen sepleriň hili;
- gurluşyň umumy hili;
- bezegiň arassa ýerine ýetirilmegi;
- tehniki işläp bejerilişiniň çylşyrymlylygy.

## VI. Zerur goşundylar.

Bu bölümde ýumşy ýerine ýetirmek üçin zerur bolan goşundylar getirilýär.

№1 goşundy: Çyzgylar.

№2 goşundy: gerekli enjamlar.

**Goşundy №1**



# *Ýyladyş we suw üpjünçilik*



**Hünär ussatlygy bäsleşiginiň "Ýyladyş we santehnika" ugry boýunça gerekli materiallaryň**

**SANAWY**

| t/b | Materialyň ady | Ölçeg birligi | Mukdary |
|---|---|---|---|
| 1 | Turba d-15mm | metr | 15 |
| 2 | Turba d-100mm | metr | 2 |
| 3 | Turba d-50mm | metr | 2 |
| 4 | Troýnik d-100mm 90 ° | sany | 1 |
| 5 | Zaglyşka d-100mm | sany | 1 |
| 6 | bekidiji (kripleniýa) d-100mm | sany | 5 |
| 7 | bekidiji (kripleniýa) d-50mm | sany | 5 |
| 8 | krand d-15mm | sany | 4 |
| 9 | öwrüm d-15mm | sany | 5 |
| 10 | toýnik d-15mm | sany | 2 |
| 11 | köpri d-15mm | sany | 5 |
| 12 | perehodnik smisitel d-15mm | sany | 2 |
| 13 | bekidiji (kripleniýa) d-15mm | sany | 20 |
| 14 | samorez dsp üçin | sany | 1 |
| 15 | Birikdiriji ütük | sany | 1 |
| 16 | turba kesýän gaýçy | sany | 1 |
| 17 | Şropowýort | sany | 1 |
| 18 | ellik | jübüt | 1 |
| 19 | byçgy | sany | 1 |
| 20 | urowen 50 sm | sany | 1 |
| 21 | açar (razwodnoý) | sany | 1 |
| 22 | ruletka 5 m | sany | 1 |
| 23 | rakowina (el ýuwulýan) | sany | 1 |
| 24 | smesitel | sany | 1 |
| 25 | smesitel üçin şlanga | sany | 1 |
| 26 | polietilen düşek | metr | 5 |
| 27 | stent üçin dosga (dsb) | metr | 1 |
| | | | |